**A. Kakageldiýew**

# KÜŞT

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 378+794
K 18

**Kakageldiýew A.**
K 18 **Küşt.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. –A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynyň «Türkmen milli we sport oýunlary» kafedrasynyň uly mugallymy, Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi, Küşt boýunça Merkezi Aziýanyň çempiony, Türkmenistanyň 24 gezek çempiony, halkara sport ussady Amanmyrat Kakageldiýewiň taýýarlan «Küşt» atly okuw gollanmasy küşt oýnunyň usulyýetini we nazaryýetini öz içine alýar. Bu gollanma Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Sagdyn, bilimli, sowatly ýaşlar biziň röwşen geljegimiziň girewidir» diýen şygarynyň çäklerinde ösüp gelýän ýaş nesle döwrebap bilimi-terbiýe bermekde, olary sportuň küşt görnüşine köpçülikleýin çekmekde ähmiýetli okuw gollanmasy bolup hyzmat eder.

Okuw gollanmasynda küşt oýnunyň gyzykly tilsimleri ýerleşdirildi. Ondan başga-da küşt oýnunda «ýatyrmak», «küşt bermek», «pat» düşünjeleri ilkinji gezek kesgitleme görnüşinde esaslandyryldy.

Bu gollanma okuwçy hem talyp ýaşlar üçin ýazylan ilkinji gollanma bolup, onuň geljekde dowamyny ýazmaklyk hem awtor tarapyndan meýilleşdirilýär.

«Küşt» atly okuw gollanmasy bu gadymy oýun bilen meşgul bolmaga taýýarlanýanlara hem-de bu ugurda işleýän hünärmenlere, tälimçilere, türgenlere küşt oýnunyň inçe syrlaryny öwrenmäge we öwretmäge ýardam eder.

TDKP № 304, 2017 KBK 75.581 ýa 73

© A. Kakageldiýew, 2017

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Ýurdumyzda bedenterbiýe we sport bilen raýatlaryň köp sanlysynyň, aýratyn hem çagalaryň, mekdep okuwçylarynyň, ýaşlaryň meşgullanmaklary üçin şertleri döretmek sporty ösdürmek syýasatyny işläp taýýarlamagyň hem-de jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesiniň ykrar edilmeginiň esasy maksady bolmalydyr.*

# GIRIŞ

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň halky hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňdengörüjilikli, il bähbitli alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň ajaýyp netijelerine häzirki zamanda has hem aýdyň göz ýetirýärler.

Arkadag Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!», «Garaşsyzlyga guwanmak – Watany, halky söýmek bagtdyr», «Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy», «Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary» atly kitaplarynda öz beýanyny tapan ýurdumyzyň raýatlarynyň, maşgalalarynyň sagdyn, bagtly ýaşamaklary, Watanymyzyň ykdysadyýetiniň pajarlap ösmegi üçin alnyp barylýan ägirt uly işler, edilýän we ediljek ýurt bähbitli özgertmeler Watanymyzyň dünýäniň iň ösen döwletleriniň hatarynda berk ornaşýandygyna şaýatlyk edýär. Gurulýan we guruljak sport-sagaldyş merkezleri, dünýä ülňülerine laýyk gelýän sport desgalary, stadionlar, medeni ojaklar, myhmanhanalar, ýaşamak üçin ähli şertler bilen üpjün edilen ýaşaýyş jaýlary, dürli pudaklar üçin ähli gerekli enjamlar bilen üpjün edilen binalar, mekdepler we çagalar baglary raýatlarymyzyň sagdyn we bagtly, ruhubelent bolmaklary barada edilýän aladadyr.

Hormatly Prezidentimiziň Aşgabat şäherinde häzirki zaman ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebini açyp bermegi bu gadymy akyl-

-paýhas oýunlaryna aýratyn üns berilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Bu ajaýyp mekdebiň açylmagy ýurdumyzyň küşt sport ulgamyna uly täsirini ýetirer. Dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň derejesinde döredilýän şertler türkmen küştçüleriniň okuw-türgenleşik sapaklaryny geçmeklerine hem-de ýokary sepgitlere, ajaýyp ýeňişlere giň ýol açdy.

2017-nji ýylyň sentýabr aýynyň 17–27-si aralygynda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynda sportuň 21 görnüşiniň biriniň küşt oýnunyň bolmagy we şonda Türkmen türgenleriniň mynasyp çykyş edendikleri guwançlydyr.

Biziň ýygyndy toparymyzyň ussat türgenleriniň birnäçesi baýrakly orunlara mynasyp boldular.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanda bedenterbiýäni we sporty goldamagyň hem-de ösdürmegiň 2011–2020-nji ýyllar üçin milli Maksatnamasy» baradaky karary bedenterbiýäniň we sportuň pajarlap ösjekdigine, raýatlarymyzyň sagdyn we ruhubelent bolup, işe ukyplylygyny artdyrmagyna, sport oýunçylarymyzyň dünýä, Aziýa möçberinde geçirilýän çempionatlarda, halkara ýaryşlarynda iň öňdäki orunlary eýelejekdigine ynam döredýär.

Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynyň okuw meýilnamasyna küşt dersiniň goşulmagy bu gadymy oýna goýulýan sarpadyr. Ýokary okuw mekdebimizde sportuň ylmy binýadyny pugtalandyrmak babatda uly işler alnyp barylýar. Ýagny ylmy işler, taslamalar, okuw gollanmalary we okuw-türgenleşik maksatnamalary işlenip düzüldi we olar yzygiderli kämilleşdirilýär.

Küşt oýnunyň sportuň beýleki görnüşlerinden aýratynlygy erkekleriň we zenanlaryň ýaşyna garamazdan yzygiderli türgenleşip, ýaryşlara gatnaşyp bilmekleridir. Küşt oýnunyň akylly-paýhasly bolmaga, ruhubelentligi goldamaga ýardam etmek bilen ýatkeşligi, giň göwrümliligi, ünslüligi, eserdeňligi, adamkärçilik terbiýelerini bermäge bolan kömegi bimöçber uludyr.

Dünýä derejesinde ýaşy gartaşan küştçüleriň dünýä çempionatynyň aýgytlaýjy duşuşyklaryna saýlanmagy başarandyklaryny biz bilýäris. Şeýle hem oglanjyklaryň we gyzjagazlaryň iň uly sport derejelerine, ýagny halkara grossmeýster, halkara ussat diýen atlaryna mynasyp bolandyklarynyň şaýadydyrys. Sportuň haýsy görnüşinde mekdep okuwçysynyň, ýaşuly adamlar bilen ululy-kiçili ýaryşlarda

özara oýnandyklaryny gördüňiz? Bu küşt oýnunda örän köp gabat gelýändir. Umuman, bu gadymy oýun adamlaryň uly söýgüsine mynasypdyr.

Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynda 2009--njy ýyldan başlap sportuň küşt görnüşi ders hökmünde okadylyp başlandy, okuw maksatnamasydyr okuw iş meýilnamasy düzüldi we şol esasynda talyplaryň okuw sapaklary yzygiderli alnyp barylýar. Küşt atly okuw gollanmasy Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynyň talyplarynyň küşt oýnunyň usulyýetini we nazaryýetini giňden öwrenmäge, geljekde ýaşlara tälim bermäge hem-de okuw bilen tejribeligini utgaşykly baglanyşdyryp, özleriniň sport derejesini artdyrmaga ýardam berer.

## KÜŞT OÝNUNYŇ TARYHY

Küşt oýnunyň taryhy örän gadymy hasap edilýär. Birnäçe müňýyllyklar mundan ozal nirededigi we haçandygy belli bolmadyk adamlaryň oýna bolan höwesi, ymtylmasy esasynda oýny döretmek maksady bilen, ilki-ilkiler ýönekeýje tagtalary ýasapdyrlar. Onuň ýüzünde çyzyklar we öýjükler emele getirip, belli bir kada esasynda meýdança döräpdir.

Öýjüklerde ýa-da çyzyklaryň kesişýän ýerinde daşjagazlar, agaç ownuklary goýlup, ilkinji şaşka oýny döräpdir. Elbetde, ol düşnükli, ilkinji oýunlar ýönekeý görnüşde bolupdyr. Tagtanyň ýa-da ýerde döredilen meýdançanyň üstünde oýnalýan oýunlaryň, başda hemmesi hem örän ýönekeý bolupdyr. Şonuň üçin hem küşt oýny gadymy hem bolsa, şeýle oýunlaryň beýleki oýunlardan has soň dörändigini bu ugurda iş alyp baran adamlar, alymlar subut edipdirler.

Şeýle oýunlaryň taryhynyň mundan, takmynan, 4000 ýyl öňdügine gadymy Müsür piramidasynyň diwarlaryndaky şekiller esas bolup biler. Hytaý oýunlarynyň biriniň şol wagtky dörän aýdymlarynyň sözlerinde hem küşt barada maglumatyň bardygy anyklanypdyr.

Hindistanda dörän diýlip hasap edilýän küşt oýnunyň taryhy 2000 ýyldan hem öň dörändir diýlip hasap edilýär.

Aziýadan soňra küşt oýny Ýewropa ýurtlaryna ýaýrapdyr.

Elbetde, oýnuň ilkinji düzgünleri üýtgeýär, kämilleşýär. Küşt oýnunyň ösüşinde esasy döwür XVI asyr bolupdyr. Şol döwürde dünýäniň dürli ýurtlarynda oýun düzgünleri biri-birinden tapawutly bolsa-da, bir kada getirmäge çalşylypdyr. Muny biz soňra «Türkmen küştüniň düzgünleriniň tapawutlylygy» baradaky bölümimizde durup geçeris.

XIX asyryň ortalaryna çenli umumy kabul edilen küşt oýnunyň belli düzgüni bolmandyr. Emma umumy ösüşe baglylykda şol döwürde bir netijä gelnip, küşt oýnunyň häzirki görnüşi emele gelýär we kabul edilýär. Döwletleriň arasynda gatnaşyklaryň has ýygjamlanmagy, küşt oýnunyň ösüşine öz täsirini ýetiripdir. Küştçüleriň aragatnaşyklary ululy-kiçili ýaryşlaryň, duşuşyklaryň geçirilmegi, küşt oýnunyň

häzirki durnukly ýagdaýyna getiripdir. Eýýäm iki asyr bäri küşt oýnunyň ýagdaýy berk bir tapda dowam edýär.

Dogrusy, soňky dürli ýyllarda oýna düzediş girizmekçi bolan adamlar hem tapyldy. Ýöne köpçülik we küşt hünärmenleri ony ret etdiler.

Küşt oýny ilki döränden esasy maksat, garşydaşyň şasynyň «ömri» gyzyklandyrýardy. Oýun ilki uruş görnüşinde alnyp barylýardy. Esasy güýçler piller we atlar bolup durýardy. Emma soňra oýunda şasynyň uly bähbidiniň bardygy, pilleriň güýçleriniň gaçýandygy, käbir ýerlerde onuň ýokdugy, küşt oýnunyň düzgünlerine täsiri bolmagy mümkin. Emma şeýle-de bolsa başda dörän küşt oýnundaky mallar öz güýjünde, iki tarapda hem perzi, iki ruh, pyýada goşuny galdyryldy.

Küşt oýnunyň hakyky uruşdan tapawudy kändir. Birinjiden, iki tarapyň hem goşun sany deňdir. Hakyky uruşda, elbetde, güýçler deň bolmaýar. Ikinjiden, küşt oýnunda göçümler (orun üýtgetmek) gezekli-gezekligine bolýar. Başga-da tapawutly ýerleri, elbetde bar. Mysal üçin, hakyky uruşda pilleriň hüjümleri bolmaýar, bu barada hiç hili maglumat ýok. Emma küşt oýnunyň başky durkuny saklamak maksady bilen, pil esasy mallaryň biri bolup galýar.

1886-njy ýylda ilkinji gezek dünýäniň resmi çempiony Wilgelm Steýnis diýlip yglan edilipdir we küşt oýnunyň örän çalt dünýäniň dürli künjegine ýaýramagy bilen uly depginde ösüşi başlapdyr.

Küşt oýnunyň asyrlardan asyrlara geçip, oýnalyş düzgünleriniň üýtgemegi, kämilleşmegi nähili bolupdyr, haýsy özgertmeler bolup geçipdir?

Küşt oýnunyň ösüşiniň dowamynda, esasan, mallaryň göçümlerini dürli ýerlerde, ýurtlarda özleriçe üýtgedipdirler. Mysal üçin, pil ilki-ilkiler pyýadalaryň üstünden böküp geçip bilýär eken. Ýöne, bu düzgün hemme ýerde kabul edilmändir. Soňra şaruhuň (rokirowka), pyýadanyň duşundan geçmek, pat düzgünleri goşulypdyr. Piliň bir malyň, pyýadanyň üstaşyr geçmegini aýrypdyrlar. Pyýadanyň soňky setire ýetmegi bilen emele gelýän ýagdaý hem düzgünleşdirilipdir. Bütindünýä küşt federasiýasynyň döremegi bilen düzgünler tertipleşdirilipdir.

Her bir ýurtda küşt oýnunyň düzgünleriniň üýtgeşik bolan döwründe türkmeniň öz küşt oýnunda hem aýratynlygy örän guwanarlylykdyr. Ondan başga-da öz döwründe (IX-X asyr) ady dünýä ýaýran Abu Bekir As-Sulynyň küşt oýnunyň döremeginde türkmenleriň hem belli derejede dahylynyň bardygy baradaky pikiri arkaýyn orta atmaklyga şert döredýär.

# KÜŞT TAGTASY




*1-nji diagramma*




Küşt tagtasy gadymy döwürde, esasan, agaçdan ýasalypdyr. Ýöne gury ýerde çyzyk çyzylyp, küşt tagtasyna meňzeş edip hem oýnapdyrlar. Häzir küşt tagtasy agaçdan, plastmassadan we dürli sintetiki materiallardan ýasalyp, halk arasyna giňden ýaýrady.

Küşt tagtasynyň bellibir ölçegi bolman, esasan, onuň inedördül görnüşi saklanypdyr.

Küşt tagtasy inedördül bolup, olar kabul edilişine görä, 32 ak we 32 gara öýjüklerden ybarat bolmaly (*1-nji diagramma*). Tagta sifrler (sanlar) we harplar bilen bellenendir. Dikligine (wertikal) sanlar bilen we keseligine (gorizontal) harplar bilen bellenýär. Küşt tagtasynyň ölçegi 8x8 öýjükden bolmagy bilen onuň her öýjüginiň harp we san belgisi bolýar.

Küşt tagatasynyň dikligine çep ýa-da sag tarapynda 1-den 8-e çenli san belgisi bolýar. Keseligine aşakda ýa-da ýokarda bolsa 8 sany harp bilen şeýle tertipde **a, b, c, d, e, f, g, h** bellik bolýar. Küşt tagtasynyň 64 öýjüginiň islendik öýjüginiň harp we san belgisi bolýar.

Küşt tagtasynda başga-da merkez, taraplar (flangalar) diýen düşünjeler bar. **c4, d4, e4, f4, c5, d5 e5, f5** öýjükler toplumyna giňeldilen merkez diýilýär, **d4, e4, d5, e5** bolsa ýöne merkez diýilýär. Küşt tagtasynda **d** wertikaldan çep tarapa perzi tarapy (flangasy), sag tarapa bolsa şa tarapy diýilýär.

## KÜŞT TAGTASYNDA KÜŞT MALLARYNYŇ ÝERLEŞIŞI WE ATLARY

Küşt tagtasynda mallaryň ýerleşişi diagrammada görkezilendir.

Ak mallar küşt tagtasynyň 1-nji we 2-nji dikliginde ýerleşýärler. Ak mallaryň şasy **e1** gara öýjükde, çep tarapynda **d1** – öýjükde perzi, **c1** we **f1** öýjüklerde piller, **b1** we **g1** öýjüklerde atlar, **a1** we **h1** öýjüklerde bolsa ruhlar ýerleşýärler 2-nji keseliginde pyýadalar oturýarlar. Gara mallaryň we pyýadalaryň hemmesi ak mallara simmetrik 7-nji we 8-nji keseliklerde ýerleşýärler (*2-nji diagramma*).




*2-nji diagramma*

## KÜŞT OÝNUNYŇ ESASY MAKSADY WE DÜZGÜNLERI

Küşt oýnunyň esasy maksady, garşydaşyň şasyny ýatyrmak bolup durýar. Eger şany ýatyrmaga hiç bir tarapyň güýji ýetmese, onda oýun deňme-deň hasap edilýär.

Her bir oýna *döw* diýilýär. Elmydama oýny ak mallar başlaýarlar. Mallaryň bir öýjükden başga öýjüge geçirilmegine *göçüm* diýilýär. Göçümler gezekme-gezegine edilýär. Diňe, rokirowka (şa bilen ruhuň birbada göçümi) iki göçüme meňzeş bolýar we bu ýagdaý döwde her tarapda bir gezek bolup biler.

Her bir öýjükde diňe bir mal ýerleşip bilýär. Eger göçjek öýüňde öz malyň bolman, garşydaşyň maly ýerleşýän bolsa, onda ony alyp oýundan çykaryp bolýar we onuň oturan öýjügine göçen malyňy ýerleşdirmeli. Küşt oýnunda mallary almak hökman däldir. Atdan başga mallaryň hiç haýsysy öz we garşydaşlarynyň mallaryndan üstaşyr göçüp bilýän däldir.

## KÜŞT MALLARYNYŇ GÖÇÜMLERI

*1. Piliň göçümi.*




*3-nji diagramma*

3-nji diagrammada, ak piliň hereketine seredeliň. Piliň göçümleriniň ugry çyzyklar bilen görkezilendir. Şol çyzyklaryň ugrundaky öýjükleriň islendigine pil göçüp bilýär. Ýöne ak pil **e6** öýjüge göçüp bilse-de, **g8** öýjüge pyýadanyň üstünden böküp göçüp bilmeýär. Eger ak pil çyzyklar bilen görkezilmedik ak öýjükleriň haýsy hem bolsa birine göçjek bolsa, onda iki göçüm etmeli bolýar. Ýöne şol aralykda garşydaşy muňa päsgel berip biler.

*2. Ruhuň göçümi.*




*4-nji diagramma*

Ruh diňe gorizontal we wertikal öýjüklere (dikligine we keseligine) göçüp bilýär. Şol ugurlarda mal ýerleşmeýän öýjüklere barmak üçin päsgelçilik bolmasa, 2 göçüm etmeli bolýar. Ýöne şol aralykda garşydaşyň hem göçýändigini ýatdan çykarmaly däl. Diagrammada, ruh **a** dikliginde islendik öýjüge göçýär. Sag tarapa **e1** öýjüge çenli göçüp bilýär. Ýöne **f1** öýjükde öz pili bolany üçin şol öýjüge we ondan aňryk göçüp bilmeýär. Ruh öz güýji boýunça ikinji derejeli mal hasap edilýär (*4-nji diagramma*).

*3. Perziniň göçümi.*

Perzi küşt oýnunda iň güýçli mal hasap edilýär. Çünki ol ruhuň we piliň hem göçümlerini edip bilýär. Diagrammada perzi çyzyklaryň ugry boýunça göçmäge hukugy bar. Ýöne ol hem mallaryň üstünden böküp geçip bilýän däldir (*5-nji diagramma*).



*5-nji diagramma*

*4. Atyň göçümi.*

Küşt oýnunda has çylşyrymly göçüm edýän atdyr. Ol güýji boýunça pil bilen deňeçerräk hasap edilýär. Ýöne onuň göçümi beýleki mallardan düýpgöter tapawutlydyr. Şonuň üçin, kähalatlarda adamlaryň arasynda gepleşiklerde «at göçümini» etdi diýip, üýtgeşik herekete, pikire aýdylýar. At mallaryň üstünden üstaşyr göçüp bilýän ýeke-täk maldyr. Özem elmydama göçümler akdan gara, garadan ak öýjüklere edilýär. Ol iki öýjük dikligine ýa-da keseligine ondan soňra gapdallygyna bir öýjüge göçýär. Diagrammada atyň göçümleri çyzyklar bilen görkezilendir. Ýagny **e4** – öýjükde ýerleşen at **d2, f2, g3, g5, f6, d6, c5, c3** – öýjüklere göçüp bilýär. Şol öýjükleriň arasynda mal duran hem bolsa atyň üstaşyr böküp geçmegine hiç hili päsgelçilik döredip bilmez (*6-njy diagramma*).



*6-njy diagramma*

*5. Şanyň göçümi.*



*7-nji diagramma*

Şa özüne mahsus bolan hereketi edýär. Ýagny ol oturan öýjüginden diňe goňşy öýjüklere (dikligine, keseligine, gyýalygyna) göçüp bilýär. Onuň iki öýjüge bökmegi diňe şaruh bolýar (aklaryň şasy **e1** den **g1** öýjüge, gysga şaruhda, **e1**-den **c1** öýjüge, uzyn şaruh, garalaryň şasy **e8**-den **g8** öýjüge ýa-da **e8**-den **c8** öýjüge). Şa beýleki mallardan tapawutlylykda garşydaşyň mallarynyň urgusyndaky öýjüklere göçmegi gadagandyr (*7-nji diagramma*).

*6. Pyýadanyň göçümi.*



*8-nji diagramma*

Pyýadalar başlangyç ýagdaýyndan öňe iki öýjük ýa-da bir öýjük göçüp bilýär. Ýöne şeýle ýagdaýdan soňra ol diňe öňe bir öýjük göçýär. 8-nji diagrammada **e2** öýjükde ýerleşen pyýada **e4** öýjüge göni göçüp bilýär. Ýöne ol bir öýjük öňe, ýagny **e3** öýjüge göçüp hem bilýär. Garalaryň **d6** öýjükde ýerleşen pyýadasy diňe **d5** öýjüge göçýär. Pyýada garşydaşynyň soňky keseligine ýetse, onda ol şa ýa-da özünden başga islendik mala öwrülip biler. Pyýada bir wertikaldan başga wertikala geçýän wagty bolýar. Ol garşydaşyň malyny almak bilen baglydyr.

## GARŞYDAŞYŇ MALYNY ALMAK

Oýun wagtynda mallaryň göçüp bilýän ugrunda garşydaşyň islendik malyny (şadan başga) alyp, ony oýundan çykaryp bolyar. Şeýle ýagdaýlaryň toplumy hem bolup biler we ol köp duş gelýär. Şonda öz malyň garşydaşyň mallaryna hüjüm eden bolsa, onda öz islegiňe görä haýsy maly almagy amatly hasap etseň alyp bolýar. Ýöne almak hökman däldir. Öz malyňy almak düýpgöter gadagandyr.

Geliň, käbir mallaryň garşydaşyň mallaryny almagyna degişli mysala seredeliň:



*9-njy diagramma*

**E4** öýjükdäki ak pil **a8** öýjükdäki ruhy ýa-da **h7** öýjükdäki perzini alyp bilýär. Ýöne ol pil **h1** öýjükdäki gara pili öz pyýadasynyň üstünden böküp, alyp bilmeýär. Şeýle hem **c2** öýjükdäki ak ruhy öz maly bolany üçin almak bolmaýar. Elbetde mal alnanda onuň iň amatlysyny almaly. Bu küştçiniň islegine bagly bolýar (*9-njy diagramma*).

Pyýadalaryň garşydaşyň mallaryny almak usuly uly mallardan tapawutlydyr. Pyýada garşydaşyň malyny göçüp bilýän öýjüklerinde (gönüsinde) ýerleşen mallary, pyýadalary alyp bilmeýär. Pyýada garşydaşyň malyny goňşy çep we sag dikligindäki gyýalygyna öňe alyp bilýär. Mysal üçin, **d4** öýjükde ýerleşen ak pyýada **e5** we **c5** öýjüklerde bolan garşydaşynyň islendik malyny, pyýadasyny alyp bilýär. Mallaryň we pyýadanyň garşydaşynyň malyny alanda, alnan mal oýundan çykýar we onuň ornunda (öýjüginde) alan maly oturýar.



*10-njy diagramma*

Pyýadanyň maly almagyna degişli, bir umumy kadadan çykýan ýagdaý bar (*10-njy diagramma*). Ol hem pyýadanyň «duşundan» geçdi




*11-nji diagramma*

diýen düşünjedir. Şonda hem pyýada pyýadany alyp bilýär. Ýöne ol alnan pyýadanyň ornunda oturman, ozalky gyýalygyna alnyşy ýaly bolýar. Mysal üçin, aklaryň pyýadasy orta çyzygy geçip, **d5** öýjükde ýerleşipdir diýeliň. **E5** pyýadanyň goňşy gapdallaryndaky, dikligindäki **e7** we **c6** öýjüklerdäki pyýadalaryň göçümlerine seredeliň. **E7** öýjükdäki pyýada iki öýjük öňe göçüpdir. Şonda aklaryň **d5** öýjükdäki pyýadasy gara pyýadany alyp bilýär. Ak pyýada şonda hem **e6** öýjükde oturýar. Garalaryň **c6** öýjükdäki pyýadasy häzirki ýagdaýda aklaryň urgusy astynda dur. Emma **c6** pyýada **c5** öýjüge göçse, onda ol pyýada duşundan geçen diýlip hasap edilmeýär. Gara mallaryň **g4** öýjükdäki pyýadasynyň, ak mallaryň haýsy hem bolsa goňşy pyýadasynyň iki göçüminde ony alyp bilýär. Degişlilikde, gara pyýada alanda **h3** öýjükde ýa-da **f3** öýjükde oturýar. Ýöne almaklyk şol pursatda bolmaly. Göçüm geçenden soňra geljekde alyp bolmaýar (*11-nji diagramma*).

## «KÜŞT» BERMEK. ÝATYRMAK. PAT

Oýun döwründe öz mallaryň ýa-da pyýadalaryň haýsy hem bolsa biri garşydaşyň şasyna hüjüm eden bolsa, onda şeýle ýagdaýa «küşt» bermek diýilýär. Diňe şa garşydaşyň şasyna hüjüm edip bilýän däldir.

12-nji we 13-nji diagrammalaryň ikisinde hem şalara küşt düşýär. Birinjisinde, ak pil gara şa ýa-da gara at ak şa küşt berýär. Diagrammalaryň ikinjisinde, gara şa aklaryň **c5** öýjükdäki pyýadasynyň urgusy astynda bolup, bu pyýadanyň küşt bermegi bolýar. Şeýle hem gara perzi ak şa küşt beripdir. Umuman, islendik küşt malynyň küşt bermegi hem şeýledir.

Eger-de «küşt» berlende garşydaşyň şasy hiç hili goranyp ýa-da göçüp bilmese, onda şa «ýatdy» diýilýär. Küşt oýnuna «şah mat» diýilmegi hem küşt berlen şa ýatdy diýen manyny aňladýar. Ýagny şah - şa, mat - ýatmak manysynda.



*12-nji diagramma*



*13-nji diagramma*

Şa «küşt» berlende üç hili gorag bolup biler:

1. «Küşt» beren maly almak.

Aklaryň ruhy gara şa küşt beripdir. Şu ýagdaýda gara ruh ol ruhy alyp bilýär. Şonuň üçin gara şa ýatanok (*14-nji diagramma*).

2. Küşt beren malyň öňüni mal ýa-da pyýada bilen ýapmak.

Göräýmäge gara şa ýatan ýaly, emma **b7** öýjükdäki gara pyýada bir göçüm edip, küşt beren piliň öňüni ýapyp bilýär.



*14-nji diagramma*



*15-nji diagramma*

3. Şanyň özüni urgudan aýyrmak.

Ak şa **e** dikliginden haýsy hem bolsa goňşy dikligine göçüp, küştden aýrylýar (*16-njy diagramma*). Eger şeýle mümkinçilikler bolmasa, onda şa «ýatdy», oýun tamamlandy diýilýär.

Gara mallaryň şasy ýatdy, sebäbi gara şa ýokarda agzalan üç goragdan mahrum (*17-nji diagramma*).



*16-njy diagramma*



*17-nji diagramma*



*18-nji diagramma*

18-nji diagrammada gara şa ýene-de ýatuw ýagdaýynda.

Pat küşt oýnunda az hem bolsa, gabat gelýär. Bu küşt oýnunyň iň bir täsin ýagdaýydyr.

Pat – şa «küşt» berilmedik ýagdaýynda onuň hiç hili göçümi ýok bolsa ýa-da mümkin däl bolsa we onuň beýleki mallarynyň, pyýadalarynyň hiç haýsysy göçüp bilmese, onda göçüm gezeginde dörän şeýle ýagdaýa «pat» diýilýär.

Diagrammada göçüm garalardan bolsa, onda gara şanyň göçümi ýok. **h7** öýjükde ýerleşen pyýada hem göçüp bilenok (*19-njy diagramma*).



*19-njy diagramma*



*20-nji diagramma*

Şonuň üçin, hem bu ýagdaýa pat diýilýär we oýun deňdir.

20-nji diagrammada göçüm gezegi gara mallardan bolsa, onda olaryň şasynyň göçümi ýok, gara at we gara pyýadalar hem göçüp bilmeýär. Şonuň üçin, emele gelen ýagdaýa pat diýilýär we oýun deň tamamlanýar. Bir tarapyň uly artykmaçlygy bolýan ýagdaýda hem pat ýagdaý deňlige getirýär.

## ŞARUH (rokirowka)

Mälim bolşy ýaly, oýunda göçümler gezekli-gezegine edilýär. Emma şeýle ýagdaý oýnuň bütin dowamynda bir gezek bozulyp bilinýär.

Ýagny şaruh (şany hem-de ruhy üstaşyr birbada göçmek). Şonda iki göçüm edilen ýaly bolýar.

**Şaruh etmegiň manysy we düzgüni**

Şaruh etmegiň esasy manysy şany merkezden bukmak we gyrada duran ruhy amatly oýna çykarmak bolup durýar. Şa merkezde bolanda, köplenç, özüni amatsyz duýýar, ol garşydaşyň hüjüm etmegine ýakyn bolýar. Şeýle hem çüňkde duran ruhuň ortaky öýjüklerde amatly ýerleşýän wagty köp. Dogrusy, bu elmydama şeýle bolmaýar.

Şaruh etmegiň esasy şerti, şanyň we ruhlaryň haýsy hem bolsa biriniň (ikisiniň hem bolup biler) başdaky ornundan üýtgemedik bolmagydyr. Şaruh etmegiň ýene bir şerti şaruh edilýän tarapda şa bilen ruhuň arasynda hiç hili mal bolmaly däldir. Şaruh «gysga» ýa-da «uzyn» tarapa bolup biler.

Häzir biz ak mallaryň şaruh göçümini öwreneliň.



*21-nji diagramma*

**E1** öýjükde ýerleşen şa «gysga» tarapa şaruh edilende, ol **g1** öýjüge böküp, **h1** öýjükde ýerleşen ruh **f1** öýjükde goýulýar. Görşüňiz ýaly, umumy düzgün oýunda bir gezek bozulýar.

«Uzyn» tarapa şaruh edilende hem şeýle ýagdaýa rugsat berilýär. Ýagny, **e1** öýjükdäki şa **c1** öýjüge göçüp, **a1** öýjükde ýerleşen ruh şanyň gapdalyndaky **d1** öýjükde oturýar. Gara mallaryň şaruh etmegi hem aklaryň şaruh edilişine meňzeşdir (*21-nji diagramma*).

Ýokarda agzalan şaruh etmegiň şertlerinden başga-da birnäçe ýagdaýlara seredeliň.



*22-nji diagramma*

1. Şa küşt berlende şaruh etmek bolmaýar.

Häzirki ýagdaýda aklara şaruh etmek bolmaýar, sebäbi ak şa garalaryň **b4** – öýjükdäki piliniň küşt bermeginde dur (*22-nji diagramma*).

2. Şaruh etmek üçin şanyň barjak ornunyň (aklar üçin **g1** we **c1**, garalar üçin **g8** we **c8** öýjükler) hem küşt düşýän öýjügi bolmaly däl.

Aklar gysga tarapa şaruh edip bilmeýärler, sebäbi şanyň barjak **g1** öýjügi garalaryň **b6** öýjükde ýerleşen perzisiniň küşdüne düşýär. Ýöne uzyn tarapa şaruh etmek mümkin (*23-nji diagramma*).

3. Şanyň şaruh etmek üçin böküp geçýän öýjükleri hem garşydaşynyň mallarynyň ýa-da pyýadalarynyň urgusynda bolmaly däldir.

24-nji diagrammada aklaryň şasy gysga tarapa şaruh edip bilmeýär. Sebäbi garalaryň **f8** öýjükde ýerleşýän ruhy **f1** öýjügi urýar. Bu



*23-nji diagramma*



*24-nji diagramma*

öýjükde ak şanyň **g1** öýjüge barmagy üçin **f1** öýjügiň üstünden böküp geçmeli bolýar. Ýöne uzyn tarapyna şaruh etmek bolýar, çünki garalaryň **b8** öýjükdäki ruhy ak şanyň **c1** öýjüge bökmegine päsgel berenok. Ol ruh diňe aklaryň **a1** ruhunyň bökmeginiň ýoluny alýar, şaruh etmegine päsgel berip bilmeýär.

## KÜŞT MALLARYNYŇ WE PYÝADALARYNYŇ GÜÝÇLERINI ÖZARA DEŇEŞDIRMEK

Küşt mallarynyň we pyýadalarynyň güýjüniň artykmaçlygyny onuň tagtada öz urgy astynda näçe öýjüge gönümel täsiriniň bardygy bilen kesgitlenýär.

Iň güýçli malyň perzidigini, onuň merkezdäki öýjükleriň birinde ýerleşen wagty jemi 27 öýjügi gönümel urgy astynda saklaýandygyny görüp bilersiňiz.

Ruh islendik öýjükde ýerleşen hem bolsa, onuň 14 öýjüge gönümel täsiri bar. Diýmek, 2 ruh takmynan, bir perzä deň güýçli diýip bolar.

Piliň hem ruh ýaly öýjüklere täsir sany deňeçerräkdir. Emma piliň ruhdan kemçiligi ol diňe oturan reňkli öýjüklerinden göçüp bilýär. At hem ruhdan pes hasap edilýär. Ýöne at bilen pil deňeçerräk güýçde bolýar. Atyň urgy öýjükleri pilden az hem bolsa, ol akdan gara öýjüge, garadan ak öýjüge göçüp bilýär.

Iki pil uly güýçdür. Ol at bilen pilden ýa-da iki atdan artykmaçlygy bar hasap edilýär. Tejribeli küştçüler iki piliň güýjünden oňat peýdalanyp bilýärler.

Küştçüleriň arasynda «iki pil bir perzi» diýen düşünje hem bar. Emma hakykatda, perziniň artykmaçlygy uludyr.

Diýmek, perzi iki ruha ýa-da üç ýeňil mala (at, pil) deň hasap edilýär. Ruh pile ýa-da ata iki pyýada goşulanda deňeçerräkdir. Pil ýa-da at takmynan 4 pyýada bilen deňeşdirilýär.

Umuman, bu deňeşdirmeleriň hemmesi şertlidir. Çünki oýun döwründe dürli ýagdaýlar emele gelip bilýär. Şonda bu gatnaşyklaryň bozulýan wagty örän köpdür. Hatda oýun döwründe iň gowşak pyýada hem perziden güýçli bolup biler.

Küşt şasynyň güýjüni hiç bir mal bilen deňeşdirip bolmaýar. Sebäbi şanyň ykbalyny oýnuň netijesi çözýär.

## «GOŞA KÜŞT», «AÇYP (SERPIP) KÜŞT BERMEK»



*25-nji diagramma*

Oýun döwründe «küşt» bermäge ýene-de gaýdyp gelýäris. «Küşt» bermegiň kesgitlemesini biz ozal öwrenipdik. Emma «küşt» bermek garşydaşyň şasyna haýsy hem bolsa bir malyň ýa-da pyýadanyň hüjümi bilen bagly bolsa-da dürli-dürli bolýar. Eger mallaryň haýsy hem bolsa biri garşydaşyň şasyna hüjüm edýän bolsa onda bu ýönekeý «küşt» berildigi. Emma oýun döwründe «goşa küşt» bermek hem gabat gelýär.

25-nji diagrammada **e3** öýjükde ýerleşen pil **c5** öýjüge göçüp, şa hüjüm edýär. Şeýle hem şol bir wagtyň özünde **e1**-de ýerleşen ruhuň hem şaha hüjümi emele geldi. Diýmek, şeýle ýagdaýa «goşa küşt» diýilýär. Eger **e3** öýjükde ýerleşen pil **c5** öýjüge göçmän, başga öýjüge göçen bolsa, onda gara şa diňe ruhuň «küşt» bermegi bilen çäklenýär. Muňa «serpip küşt bermek» diýilýär.

«Goşa küşt» berlende diňe bir gorag – ol hem, şany küştden aýyrmakdyr. Ozal bellenilişi ýaly, öňüni ýapmak ýa-da «küşt» beren maly almak bolmaýar.

## KÜŞT OÝNUNDA ŞANY ÝATYRMAGA DEGIŞLI MYSALLAR



*26-njy diagramma*



*27-nji diagramma*

26-njy we 27-nji diagrammalarda aklar gara şany ýatyrypdyr. Şuňa meňzeş ýatyrmaklyk örän köp bolýar. Garşydaşyň şasy ýatyrylanda mallaryň özara hereketi, kömegi zerurdyr. Küşt oýnunyň bir maly goşmaça kömeksiz şany ýatyryp bilmeýär.

Iň bolmanda garşydaşyň haýsy hem bolsa bir maly, şa päsgel berip, onuň ýatmagyna getirip biler. Aşaky diagrammada bolsa küşt oýnunda iň gysga ýatuw, ýagny garalar ak şany oýun başlananda bary-ýogy iki göçümde ýatyrypdyr (*28-nji diagramma*).



*28-nji diagramma*

## KÜŞT OÝNUNDA GARŞYDAŞLARYŇ ÖZARA DÖWÜNIŇ ÝAZGYSY, ŞERTLI BELGILER WE KÄBIR SÖZLÜKLER

Ilki bilen şertli belgiler bilen tanşalyň:

- – göçüm

: – almak

+ – «küşt» bermek

++ – «goşa küşt»

× – ýatyrmak

! – gowy göçüm

!! – örän güýçli göçüm, ajaýyp göçüm

? – erbet göçüm

?? – gödek ýalňyşlyk

!? – töwekgelçilikli göçüm

= – deň ýagdaý

+ – aklaryň ýagdaýy

= az-kem oňat

± – aklaryň ýagdaýy oňat

⩲ – aklaryň ýagdaýyň az-kem oňat

∓ – garalaryň ýagdaýy oňat

⩱ – garalaryň ýagdaýy az-kem oňat

0-0 – gysga şaruh

0-0-0 – uzyn şaruh

***Sözlük***

1. *Blis* – çalt oýnamak
2. *Debýut* – oýnuň başy
3. *Mittelşpil* – oýnuň ortasy
4. *Endşpil* – oýnuň soňy
5. *Gambit* – bir maly ýa-da pyýadany pida edip, başlanýan oýun
6. *Sukswang* – islendik göçüm garşydaşyň peýdasyna.

## KÜŞT MALLARYNYŇ BELGISI

Küşt mallaryň her haýsynyň öz belgisi bolýar. Her döwletde onuň ady bilen bagly bolup, mallaryň belgisini onuň birinji harpy bilen aňladylýar:

*Şa* – Ş

*Perzi* – P

*Ruh* – R

*At* – A

*Pil* – Pl

Perzi bilen piliň ilkinji harplarynyň meňzeş bolany sebäpli, ony ýokarda görkezilişi ýaly, tapawutlandyrdyk. Pyýadalar bellik edilmeýär, olaryň ýerleşen ýerleriniň belgisi bilen çäklenilýär.

Küşt döwüniň ýazgysynyň «uzyn» we «gysga» görnüşi bolýar. Mysal üçin, bir döwüň ýazgysyny göreliň.

Aklar: *Durdyýew*

Garalar: *Ataýew*

***Uzyn ýazgy***

| | |
|---|---|
| **1. d2-d4 Ag8-f6** | **2. c2-c4 e7-e5** |
| **3. d4:e5 Af6-g4** | **4. Ag1-f3 Ab8-c6** |
| **5. Plc1-f4 Plf8-b4+** | **6. Ab1-d2 Pd8-e7** |
| **7. a2-a3 Ag4:e5** | **8. cb:b4 Ae5-d3x** |

***Gysga ýazgysy***

| | | |
|---|---|---|
| **1. d4 Af6** | **2. c4 e5** | **3. d:e Ag4** |
| **4. Af3 Ac6** | **5. Plf4 Plb4+** | **6. Ab1-d2 Pe7** |
| **7. a3 Ag4:e5** | **8. a:b Ad3x** | |

«Uzyn» ýazgy bilen «gysga» ýazgysynyň tapawudyna düşüneliň.

«Uzyn» ýazgyda mallaryň göçümleri ilki ýerleşýän öýünden soňra barýan öýjügi doly görkezilýär. Emma «gysga» ýazgyda malyň ahyrky göçýän öýjügi görkezilýär. «Gysga» ýazgyda 6-njy ak we 7-nji gara mallaryň göçümleriniň doly ýazgyda berilmeginiň sebäbi, göçüm edýän öýjügine birbada deň iki atyň hem göçüp bilýändigi üçindir (*29-njy diagramma*).



*29-njy diagramma*

## KÜŞT OÝNUNDA DEŇ HASAP EDILÝÄN ÝAGDAÝLAR



*30-njy diagramma*



*31-nji diagramma*

Küşt oýnunda jedelsiz deň hasap edilýän ýagdaýlar köpdür. Geliň, şolaryň käbirleri bilen tanşalyň. Şa bilen ýeňil mallaryň biri ýeke-täk şany utup bilmeýär, ýagny şonda deň bolýar. Şeýle hem, şa we iki at ýeke-täk şanyň garşysyna deň hasap edilýär. Geliň, ajaýyp deňlikleri göreliň:

30-njy diagrammada gara mallar ýeňiş gazanyp bilmeýärler. Çünki garalar ak şany gara pyýadanyň perzä çykjak öýjügi bolan **h1** öýjükden daşlaşdyryp bilmeýär ýa-da ak şa pat ýagdaýa düşýär. Ony barlap bilersiňiz. Munuň esasy sebäbi, **h1** öýjük bilen piliň göçýän öýjükleriniň reňkleriniň tapawutlylygydyr.

31-nji diagrammada göçüm aklardan bolanda oýun deň hasap edilýär. Sebäbi gara şany **c7** we **c8** öýjüklerden kowup bolmaýar. Diagrammalaryň ikisinde hem bir tarapda uly artykmaçlygyň bardygyna garamazdan, ýeňiş ýok.

## PYÝADANYŇ SOŇKY KESELIGINE ÇYKMAGY

Küşt oýnunda pyýada iň ejiz maldyr. Mälim bolşy ýaly, pyýadalar ilkinji ýerleşýän ýerinden iki ýa-da bir öýjük öňe göçüp bilýär. Ýöne şondan soň onuň göçümi has çäklendirilip, diňe bir öýjükden

öňe göçýär. Garşydaşynyň malyny alanda bolsa gapdallygyna goňşy dikligindäki (wertikaldaky) gyýalygyna (diogonalda) ýerleşýän maly alyp bilýär. Ondan başga-da duşundan garşydaşynyň pyýadasy geçse hem onuň alnyş düzgünini biz öwrendik.

Indi bu gowşajyk «esgeriň» öňe göçmegi bilen onuň soňky keseligine (gorizontala) barandaky ýagdaýy bilen tanşalyň.

Küşt oýnuny has täsirli, has gyzykly edýän zatlaryň biri hem pyýadanyň soňky keseligine çykyp, islendik mala (şa we pyýada bolup bilmeýär) öwrülip bilmegidir.

Pyýadalaryň haýsy hem bolsa biri birnäçe päsgelçiliklerden geçip, soň keseligine çyksa, onda ol islendik mala öwrülip bilýär. Küşt tagtasynda birbada birnäçe uly mallaryň bolmagy mümkindir. Mysal üçin, küşt tagtasynda seýrek hem bolsa bir tarapda 9 perziniň ýa-da on atyň, on piliň, on ruhuň bolup biljekdigini özüňiz görüp bilersiňiz. Ýöne şeýle ýagdaý gabat gelmeýär diýen ýaly. Oýun, köplenç ir tamamlanýar we şonça mallaryň gerekligi ýüze çykmaýar.




♔ – bolmaýar
♙ – bolmaýar
♕ – bolýar
♘ – bolýar
♗ – bolýar
♖ – bolýar

*32-nji diagramma*

Görşüňiz ýaly, ak mallaryň **e** pyýadasy **e8** öýjüge barypdyr. Şonda islegiňize görä ony çalşyp bilýärsiňiz (*32-nji diagramma*).

Ýöne pyýadany Şa bilen çalşyp we pyýadany galdyryp hem bolmaýar.

## OÝNY NÄHILI BAŞLAMALY?

Oýunçylar oýnuň ilkinji göçümlerine örän üns bermelidirler. Köplenç, ilkinji göçüm merkezi pyýadalaryň aklar üçin **d4, e4, c4,** garalar üçin **d5, e5, c5** göçümleri bilen başlanýar. Ondan başga-da birinji göçüm seýrek, käwagt **g3, Af3** gabat gelýär. Saýlanyp alnan başlangyç göçüm toplumlary oýnuň başlangyjyny (debýutyny) kesgitleýär.

Oýunçylar gowşak bolan pyýadalary öňe göçmek bilen yzyndan aty, pili (ýeňil mallary) oýna girizýärler. Aýratynam şa tarapdan aty we pili göçmek bilen oýunçylar şaruha taýýarlanýarlar we ony irgözinden ulanmaga çalyşýarlar. Ruhlaryň ýerleşýän ýeri oýna girmekden irräk bolansoň, ol mümkinçilik, köplenç, gijräk döreýär. Ýöne ruhlary oýna başda girizmek, köplenç, amatly hem bolup durmaýar. Iň güýçli mal bolan perzini başda oýna girizmek ony «göreş meýdanyna» eltmek amatsyz hasap edilýär. Çünki ol garşydaşynyň mallarynyň urgusy astynda galmagy mümkin. Perzini bolsa ýeňil mallar ýa-da ruhlar bilen alyşmak ýitgä getirýär. Şeýle hem öz-özünden düşnükli bolşy ýaly, şany gizlemelidir, oýna başda girizmeli däldir. Elbetde bu umumy düşünje. Oýun döwründe umumy düzgünden alaçsyz çykmaly ýagdaýy gabat gelip biler. Ondan başga-da hut şeýle ýagdaýyň amatly bolup galmagy hem mümkindir. Şonuň üçin oýunçy umumy düzgüni bilse-de, anyk ýagdaýlary hem göz öňünde tutmalydyr.

Oýun başlandan soň garşydaşlar mallaryny amatly ýerleşdirmäge çalyşýarlar. Atlar, köplenç, merkezde gowy ýerleşýär. Piller uly diogonallardan köp öýjüge hüjüm edip bilýärler. Ruhlaryň açyk diklik-lerde, keseliklerde hereketi oňaýly bolýar. Ondan başga-da mallaryň özara gatnaşygyna, bilelikdäki hereketine biri-birini goramaklaryna aýratyn üns berilmelidir. Oýun döwründe mallar çalşylanda amatly ýagdaýa seredilmelidir.

### PYÝADA OÝNY BILEN BAGLY BÖWÜSME

Bu küşt oýnunda pyýadalaryň ýerleşişi bilen bagly bolýar. Geliň, bir ýagdaýa syn edeliň.

Aklar: **Şh4, p.p. a5, b5, c5.**

Garalar: **Şh6, p.p. a7, b7, c7.**

*Göçüm aklardan.*

Şu ýagdaýda göräýmäge, garalar üçin hiç hili howp abanmaýan ýaly. Aklaryň pyýadalarynyň her haýsysynyň öňünde garşydaş pyýada bar. 8-nji keseligine çykmaga aklaryň mümkinçiligi çäklendirilene meňzeýär. Emma bu hakykatda beýle däl.

1. **b6**! Aklar pyýadasyny pida edýär, mugt berýär.

1...**a:b 2. c6**!

*Ikinji gezek pida etmek.*

2...**b:c 3. a6**! we pyýada hiç hili päsgelsiz 8-nji keseligine çykýar we perzä öwrülip bilýär. Aklaryň birinji göçüminden soň garalaryň beýleki göçümleriniň hem ýeňlişe getirjekdigini özüňiz görüň. Başlangyç ýagdaýda eger göçüm garalardan bolan bolsa, onda olar aklara böwüsmek usulyny etdirmezdiler we 1...**b6** göçüm ederdiler (*33-nji* we *34-nji diagrammalar*).




*33-nji diagramma*




*34-nji diagramma*

## TILSIMLER

Küşt oýunda tilsim näme? Bu soraga jogap bermek üçin küştçüleriň ýaryş döwründe oýnaýan oýunlaryna syn etmek gerek. Şonda asuda oýnap oturan oýunçylaryň täsin göçümlerine haýran galmak

bolýar. Oýunlaryň käbirinde pyýada, beýlekisinde ýeňil mal, hatda ruh, perzi pida edilip, oýna ajaýyp gözellik berilýär. Dogrusy, oýunlaryň hemmesi şeýle bolanok. Käbir oýunlar asuda, hiç hili tilsimsiz bolup soňlanyp biler. Ýöne şonuň ýaly oýunlarda hem tilsimler bolýar, emma ol oýundan daşarda galýar. Diňe oýundan soň syn edilende ony ussat küştçüler, tälimçiler, oýunçylaryň özleri görýärler, soňra baha berýärler.

Küştçi ökde tilsimçi, tebigy zehinli bolanda hem, ony yzygiderli kämilleşdirmese, ol ukyp ýitip gidýär. Ondan başga-da tilsimleriň dürli ýagdaýlary, ençeme usullary bar. Ony yzygiderli küşt sapaklary bilen kämilleşdirmeli, okatmaly, öwretmeli, berkitmeli, ýatkeşligiňi artdyrmaly.

Küştçi tilsim geçirdi diýip, bir malyny, pyýadasyny pida edip, garşydaşynyň ýalňyş oýnamagyndan peýdalanyp, üstünlik gazansa, ol dogry bolmaýar. Haýsy hem bolsa bir emele gelen ýagdaýda mal ýa-da pyýada mugt pida edilip, şonuň netijesinde jedelsiz artykmaçlyk gazansa, utuş ýa-da ýatuw ýagdaýa eltip bilýän bolsa, onda oňa küştçi «tilsim» geçirdi diýip aýdylýar.

Küşt oýnuny öwrenje, ilki bilen ýönekeýje tilsimler geçirmäni bilmeli. Mysal üçin:

Aklar: **Şg1, Ae3**, pyýadalar **e4, f2, g3, h2**

Garalar: **Şd6, Pf6, g6**

Göçüm aklardan.

35-nji diagrammada gara mallaryň tarapynda uly artykmaçlyk bar. Emma aklar ýönekeýje tilsim geçirmek bilen ýeňiş gazanyp bilýärler.



*35-nji diagramma*

1. **e5+**! Pyýada özüni pida edýär. Garalaryň iki hili göçümi bar.

1) 1...**P:e5**, onda 2. **Ac4+**. Atyň iki urgusy netijesinde perzi ata çalşylýar we uly artykmaçlyk ak mallaryň tarapyna geçýär.

2) 1...**Ş:e5**, onda 2. **Ag4+**, ýene-de ýagdaý gaýtalanýar we ak mallaryň ýeňiş ýagdaýyna getirýär.

Tilsim geçirilende mallaryň özara gatnaşygy üýtgäp bilýär. Hat--da, iň bir gowşak hasap edilýän py-

ýadanyň uly mallardan hem güýçli bolýan ýagdaýlaryny tilsimiň netijesinde görüp bolýar.

Mysal üçin:

Aklar: **Şa2, d7**

Garalar: **Şh8, Ph6, Rg8, Rh4, Ae3, Ag6, Plf8, Plh7, a4, c3, d2, e5, e7, f4, g2, g7.**

Gara mallaryň ähli 16 maly hem küşt tagtasynda, ak mallarda diňe şa bilen pyýada bar. Emma göräýmäge mümkin däl hem bolsa, şu ýagdaýda aklar ýeňiş gazanýarlar.



*36-njy diagramma*

1. **d8A**!!

Aklar ýeke-täk pyýadasyny 8-nji keseligine göçüp, ony hem perzi etmän, ata öwürýärler. Gözüňe ynanar ýaly däl, garalaryň 2.**Af7x** ýatuw göçümine hiç hili gorag ýok (*36-njy diagramma*).

Has çylşyrymly ýagdaýa seredeliň:

Aklar: **Şg1, Rb7, Ac3, a2, b2, g2, h2**

Garalar: **Şh7, Rd8, Plb6, a7, c4, c5, g7.**

37-nji diagrammadaky ýagdaý 1934-nji ýylda Madrid şäherinde Ortueta bilen Sansyň arasynda geçen döwde boldy.

*Göçüm gezegi gara mallardan.*

Elbetde, 1...**Rd2** göçülmegi oňat. Gara ruh **b2** pyýada hüjüm edýär we bähbitli bolan 2-nji keseligini eýeleýär. Ýöne bu entek tilsim däl.



*37-nji diagramma*

2. **Aa4** aklar öz gezeginde **b2** pyýadany saklamak bilen garşylykly oýun gözleýärler.

2...**R:b2**!!

Tilsimler toplumy başlaýar. Gara ruh özüni pida edýär.

3. **A:b2 c3**!.

Indi, ak at **d3** öýjüge göçse, onda aklar derrew utularlar, ýagny 4. **Ad3 c4+5.R:b6 c:d** we merkezi pyýadalaryň biri perzä çykýar. Ony barlap görmek kyn däldir.

4. **R:b6**!

Indi, eger garalar howlukmasalar, ýagny 4...**a:b**, onda 5.**Ad3** göçüler we ýeňiş ak mallaryň tarapynda bolar.

Emma duýdansyz, **4...c4**! gara pyýada **c2** öýjüge göçende **Ad3** göçülmez we gara pyýada perzä çykar.

5. **Rb4**! **a5**!!

Soňky ýagdaýa seredeliň.

Örän geň ýagdaý emele geldi. Ak mallaryň tarapynda uly artykmaçlyk bar. Emma şoňa garamazdan ýeňiş gara mallaryň tarapynda boljakdygyna göz ýetirip bilersiňiz.

Ýene-de bir tilsime seredeliň.

Aklar: **Şc4, Rb4, Af4, Pld4, e3, g2.h2**

Garalar: **Şh4, Pe7, Plh6, f7, g6, h5.**



*38-nji diagramma*

Gara mallaryň tarapynda artykmaçlyk. Emma gara mallaryň şasy örän amatsyz öýjükde ýerleşipdir. Ine, şony ak mallar örän ýerlikli peýdalanýarlar (*38-nji diagramma*).

1. **A:g6+! f:g**

2. **Plf6+! P:f6.**

Ak mallar yzygiderli ýeňil mallaryny pida etdiler. Göräýmäge, ak mallar bilen öwrenje küştçi oýnaýan ýaly. Emma hakykatda, aklar ajaýyp tilsimleri geçirýärler we gara şany ýatyrmagyň ugruna çykypdyrlar.

3. **Şd5+ Şg5.**

Bu göçüm gara şanyň ýatmagyna getirýär. Eger garalar oýnuň olar üçin agyr netije bilen tamamlanjakdygyny bilen bolsalar, onda 3...**Plf4** göçüm edip, ýeňlişi birneme yza çekip bilerdiler. Okyjy şeýle bolanda aklaryň ýeňiş gazanjakdygyna özleri göz ýetirip bilerler.

4. **h4+ Şf5 5. g4+ hg 6. Rf4+!**

Aklar özüniň ýeke-täk galan uly mallaryndan ruhy hem mugt berýärler, örän owadan tilsim.

**6...Pl:f4 7. e4 x**

Aklaryň ýeke-täk pyýadasy uly mal artykmaçlygy bolan gara mallaryň şasyny ýatyrýar.

Tilsimler öz meňzeşligi bilen birnäçe görnüşlere bölünýär:

1. Şanyň goragyny böwüsmek we şany çykgynsyz ýagdaýa getirmek.
2. 1-nji keseligininiň ýa-da hataryň gowşaklygyny peýdalanmak.
3. «Ünsüni sowmak».
4. «Ünsüni çekmek».
5. «Arasyny ýapmak».
6. «Iki urgy».
7. «Açmazy» peýdalanmak.
8. «Böwüsmek».
9. Pyýadanyň soňky keseligine çykmagy bilen bagly tilsimler we ş.m.

Ondan başga-da, birnäçe gorag tilsimleri bardyr. Ýokarda görkezilen tilsimler, köplenç, şanyň ýatmagy ýa-da uly artykmaçlyk gazanmagy bilen tamamlanýar. Gorag tilsimler artykmaçlyk garşydaşynda bolanda olaryň seresapsyzlyga ýol berendikleriniň netijesinde tilsim emele gelip, oýny deňläp bilýärler, hatda utuş ýagdaýyň hem döremegi mümkin.



*39-njy diagramma*

Geliň, tilsimleriň içinde iň owadan tilsimleriň biri bolan «baglap ýatyrmak» bilen bagly bolan ýagdaýa syn edeliň.

**a2- g8** diagonal garalar üçin örän howply. Emma ony aklar nähili peýdalanmaly?

1. **Af7+Şg8** 2. **Ah6++ Şh8** 3. **Pg8+! Rg8 4. Af7x.**

40-njy diagrammada göçüm gara mallardan.



*40-njy diagramma*



*41-nji diagramma*

Şu ýagdaýda garalar ak şanyň öňüni açyp, üç göçümde ýatyrýarlar.

1. ...**Ae2+** 2. **Şh1 P:h2+!** 3. **Ş:h2 R h4x.**

Ýene-de bir tilsime seredeliň.

41-nji diagrammada ak mallar gara şany üç göçümde ýatyrýarlar.

1. **Ph8+!! Ş:h8** 2. **A:f7++ Şg8** 3. **Ah6x**

Tilsimleriň beýlekileri hem oýunda köp gabat gelýändir.

## TILSIM NAZARYÝETI. MAHSUS IDEÝALAR



*42-nji diagramma*

Tilsimleriň esasyny döredijilikli pikir düzýär. Pikiriň döremegi bolsa, adamyň aňynyň we fantaziýasynyň önümidir. Ýagny pikir döredijilik birleşmesidir. Emma tilsimler diňe bir döredijiligiň esasynda emele gelýärmi ýa-da nazaryýet bilimleriniň täsiri netijesinde ýüze çykýarmy?

Elbetde, meselem, endşpilde inedördül düzgünini, oppozisiýa düşünjesini bilmeklik tilsimleri amala aşyrmakda uly orun tutýar. Tilsimleriň umumy nazaryýeti hem bar. Bu nazaryýet küştçülere islendik oýun ýagdaýynda tilsimleýin ugur tapmaga ýardam berýär. Tilsimleriň umumy nazaryýetine ilki bilen onuň aňlatmasy, tilsimi düzýän elementler, galyberse-de belli bolan tilsim usullary girýär.

Esasy (motiwi) we temasy meňzeş bolan tilsimleýin ýagdaýlar köp duş gelýär. Munuň bilen tilsim usullaryny düzmek mümkinçiligi

döreýär we olar ýagdaýa mahsus bolan tilsimler diýlip atlandyrylýar. Şeýle mahsus tilsimleriň birine seljereliň.

Diňe şa tarapynda gowşak **h7** öýjükde ýerleşen pyýada tilsim geçirmek we (perzi, at we pil tarapyndan) hüjüm etmek üçin esas döredýär. Tilsimiň tehnikasy ýönekeý **h7** pyýadany pil bilen alyp, özüni pida edýär we şanyň gorag mümkinçiligini azaldýar. Soňundan aklar at bilen «küşt» berip, şanyň yza gaýtmak ýa-da açyk meýdana barmak saýlawyny gara şanyň öňünde goýýar.

Meseläniň çözgüdi şeýle: 1. **Pl:h7+ Ş:h7** (şa **h8** öýjüge göçen ýagdaýynda aklarda hem hüjüm üçin ýol açylýar, hem-de artykmaçlyk galýar), 2. **Ag5+ Şg8** (tilsim hasaplanylanda aklar gara şanyň **h6** ýa-da **g6** öýjüklere göçen ýagdaýlaryny hem göz öňünde tutmalydyr. Adatça bu ýagdaýlarda hüjümiň dowamy 3. **Pg4** göçüm bilen baglydyr). 3. **Ph5** – ynha bu tilsimiň shemasyna mahsus bolan göçümdir. Ýatuwyň öňüni almak üçin garalar ruhuň ýerleşen öýjügini şa üçin boşadyp bermeli bolýar. Emma 4. **P:f7+** soň, aklaryň hüjümi jemlenýär.

## GOŞA URGY.
## PYÝADA URGULARY

Goşa urgy – köplenç, bir wagtyň özündäki ikileýin tarapdan hüjüme – urgunyň netijesinde ýüze çykýar. Bu tilsimi aýratyn bir bölüm hökmünde seljermek hökmandyr. Biziň öňümizde goşa urgy tilsiminiň ähli jähtlerini öwrenmek meselesi durýar. Çünki bu görnüşli tilsimleri geçirmegiň ähmiýeti uludyr. Ilki bilen goşa urgynyň diňe bir tilsim däl-de, eýsem, tilsimden daşarda hem geçirilýändigini belläp geçmelidiris. Şeýle-de, küşt oýnunda biz hüjüm – urgy diýlen düşünjeleri ähli hüjümlere (şol sanda goralan pyýada ýa-da mala hüjüm) aýdylman, esasan, kynçylyk bilen öňüni alyp bolýan ýa-da düýbünden öňüni alyp bolmaýan ýagdaýlara aýdýarys. Hüjümiň astynda, köplenç, garşydaşyň goralmadyk ýa-da ýeterlikli derejede goralmadyk ýerleri bolup durýar. Goşa urgy tilsimini geçirmekde iň täsirli mal hökmünde perzi birinji ýeri eýeleýär. Çünki perziniň göçüm mümkinçilikleri beýleki mallara garanyňda birnäçe esse köp-

dür. Perziniň goşa urgy geçirýän mysallaryna seredip geçeliň. Perzi käwagt ýekelikde-de hüjüm edip bilýän bolsa-da, köplenç, beýleki mallaryň kömegine mätäç bolýar. Perzi bilen amala aşyrylýan goşa urgular, esasan, bäş görnüşde bolýar. Olardan üçüsi oýunlarda beýlekilerine görä has köp duş gelýär:

1. Gyýalyklar boýunça goşa urgy;
2. Keselikler we diklikler boýunça goşa urgy;
3. Gyýalyklar we diklikler (keselikler) boýunça goşa urgy.














Bu tema bilen baglanyşykly mysallara ýüzleneliň.

*Atabaýew M. – Rejepow R.* (Aşgabat, 2009 ý.)

| | |
|---|---|
| **1. e2-e4** | **e7-e5** |
| **2. Ag1-f3** | **Ab8-c6** |
| **3. Plf1-b5** | **a7-a6** |
| **4. Plb5-a4** | **Ag8-f6** |
| **5. d2-d3** | **d7-d6** |
| **6. c2-c3** | **Plf8-e7** |
| **7. Ab1-d2** | **0-0** |
| **8. Ad2-f1** | **b7-b5** |
| **9. Pla4-c2** | **d6-d5** |
| **10. Pd1-e2** | **d5:e4** |

**11. d3:e4** **Ple7-c5** (garalaryň soňky iki gowşagrak göçümi aklara tilsim geçirmäge mümkinçilik döredýär);

**12. Plc1-g5** (bu ýagdaýda garalaryň atynyň açmazda bolmagy tilsimleýin (esasy) emele getirýär).

**12. ...** **Plc8-e6**
**13. Af1-e3** **Rf8-e8**
**14. 0-0** **Pd8-e7**
**15. Ac3-d5!** **Ple6:d5**
**16. e4:d5** **Ac6-b8**
**17. a2-a4!** **...**



43-nji diagramma

Aklar bu ýagdaýda uly bolmadyk goşa urguly tilsimini geçirip bilýärdi: *17. d6 Pl:d6, 18. Pl:d6 P:d6, 19. Pe4 Ad7, 20. P:h7+ Şf8.* Aklar garalaryň şasyny birneme gowşatdy. Atabaýew şol bir temaly tilsimi tapýar, emma has gowy netijeli usulyny amala aşyrýar. Oýundaky göçüm tilsimiň başlangyjy bolup durýar. Aklar **b5** öýjükdäki pyýadany almak maksady bilen hüjüm edýär. Goramak mümkinçiligi bolmansoň, garalaryň öňünde 18. ... **ba** ýa-da 18. ... **b4** göçüm saýlawlary bar. Birinji ýagdaýda 19. **Pl:a4 Rd8,** 20. **Rad1** göçümlerden soň, garalar hiç bolmanda **e5** pyýadasyny ýitirýär we garalar üçin amatsyz ýagdaý emele gelýär. Rejepow ikinji şahamçany saýlap aldy. Emma munuň netijesi goşa urguly tilsim bilen tamamlanýar.

**17. ...** **b5-b4**
**18. c3:b4** **Plc5:b4.**
**19. Plg5:f6** **Pe7:f6**

**20. Pe2-e4** (**h7** we **b4** öýjüklere urgy düşýär. Çünki **b4** öýjükdäki pil goralmadyk we **h7** öýjük diňe şa tarapyndan goralan).

**20. ...** **Plb4-d6**
**21. Pe4:h7+** **Şg8-f8**
**22. Af3-h4** **Pf6-h6** (eger *22. ...* ***g6*** bolsa, onda *23.* ***Pl:g6!***)

**23. Ph7:h6** **g7:h6**

**24. Ah4-f5** aklar utýar.

Goşa urgy bilen baglanyşykly tilsimleriň birnäçesini 1913-nji ýylda Peterburgda Kapablanka – Duz-Hotimirsiýniň arasynda oýnalan döwde görmek bolýar.

Diagrammada oýnuň 22-nji göçüminden soň emele gelen ýagdaý görkezilen. Oýun şeýle dowam edilýär:



*44-nji diagramma*

**23. b2-b4!!** (bu göçüm göräýmäge hiç hili zyýansyz, düşnüksiz ýaly bolsa-da, ajaýyp we duýdansyz tilsimleriň başlangyjy bolup durýar.

**23. ... Ac5-a4** (garalar aklaryň tilsimleýin meýilnamasyny görmeýär).

**24. Rc1:c8+ Ra8:c8** (eger pozision elementleri göz öňünde tutulsa, göräýmäge, indi hemme zat garalaryň peýdasyna ýaly, emma tilsimiň netijesinde hemme zat bütinleý üýtgeýär).

**25. e4-e5!** **g7-g6**

**26. e5-e6** **Rc8-f8** (26. … **fe**, onda 27. **Pg4**).

**27. Af1-g3** **Pb6-b7** (27. ... **fe** göçüme 28. **Pg4 e5 29.**Pl:g6).

**28. Ag3-f5!** Özboluşly goşa urgy. **Ah6+** we **ef+** göçüm howpy abanýar. 28. ... **gf** göçümiň mümkin däldigi düşnükli – 29. **P:f5** mat goranyp bolmaýar.



*45-nji diagramma*

**28. ...** **f7:e6**

**29. d5:e6** atyň goşa urgusy bilen baglanyşykly ýene bir tilsim! 29. ... **P:f3** göçümden soň, garalar malyny ýitirýär – 30. **A:e7+**).

**29. ...** **Pb7-c7**

**30. Pf3-c6** (ýene-de goşa urgy tilsimi: 30. ... **P:c6** 31. **A:e7+**)

**30. ... Pe7-d8**
**31. Af5:e7+ Pd8:e7**
**32. Pld3:b5 Aa4-c3**
**33. Pe6-d7 Pe7:d7**

**34. Plb5:d7** indi garalar ruhuny ýitirýär, emma şonda-da göreşi dowam edýär.

Goşa urgy bilen baglanyşykly tilsimler örän ýönekeýdir. Emma şeýle bolsa-da, goşa urgy tilsimleri tilsim prosesleriniň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Oýun tejribesinde ähli ussat küştçüleriň, grossmeýsterleriň täze öwrenijileriň oýunlarynda bu görnüşli tilsimler ýygy-ýygydan duş gelýär.



*46-njy diagramma*

46-njy diagrammada Ştalberg – Naýdarfyň oýnunda emele gelen ýagdaý görkezilen. Merkezde örän amatly duran ak piliň bolanlygy sebäpli, garalaryň ýagdaýy mese--mälim erbet. Bu piliň kömegi bilen aklar yzygiderli we dürli usully hüjümleri geçirip bilýär. Aklaryň ünsüni, esasan, tilsime esas döredip biljek **a6** öýjükdäki goralmadyk ruh we **g6** öýjük çekýär. Bu gowşaklyklary göz öňünde tutup, Ştalberg örän çalt ýeňşe getirýän tilsimi tapdy. Tilsimiň başlangyç göçümi örän täsin:

**31. Pld5-f7!!** (garalar ruhy alyp bilmeýär: 31. ... **R:d2** 32. **P:g6+** Şf8 33. **Pg8+ Şe7** 34. **Pe8+ Şd6** 35. **Pe6x**)

**31. ... Şg7:f7**
**32. Rd2:d8 Pc7:d8**
**33. Pe4-b7+ Şf7-g8**
**34. Pb7:a6 e5-e4**
**35. Rf3-e3 Plf6-d4**

**36. Re3:e4** garalar utulandygyny boýun alýar.

Indi bolsa goşa urgy tilsimi amala aşyrylanda, köplenç ýagdaýda,

hüjüm obýektiniň biri şaruh edilen ýeriň gowşak ýeri bolup durýar. Tilsimleýin meýilnama ýerine ýetirilende goşa urgy bilen baglanyşykly emeller:

1. Ünsüni çekmek (mal goralmadyk, şa «küşt» beriljek öýjüge getirilýär);

2. Ünsüni sowmak (öýjügi ýa-da maly gorap duran beýleki bir malyň ünsüni sowmak);

3. Päsgelçiligi ýok etmek ýa-da aýyrmak (şanyň pozisiýsyny gowşatmak, ýol açmak, nokatlary gowşatmak maksady bilen, garşydaşyň mallaryny ýa-da pyýadalaryny ýok etmek).

Has öňe sürlen ýoly açyk pyýada tilsim geçirmäge esas hasaplap bolýar. Pyýadanyň goşa urgusy küşt adalgalarynda «çarşak» diýlip atlandyrylýar. Eýýäm oýnuň başlangyjyndan (debýutdan) pyýada çarşagyna duş gelýäris. «Çarşak» emeli taktiki emel we tilsim hökmünde *G.Atalyýew – S.Orazowyň* (Aşgabat, 2007 ý.) oýnunyň başynda aýdyň görkezilýär.

**1. e2-e4 e7-e5**
**2. Ag1-f3 Ab8-c6**
**3. Ab1-c3 Ag8-f6**
**4. Plf1-b5 Plf8-c5**

**5. Af3:e5** (ynha, uly bolmadyk çarşak emeli bilen baglanyşykly tilsim);

**5. ... Ac6:e5**

**6. d2-d4** (aklar hil ýetmezçiligini deňleýär we şonuň bilen bir hatarda mallaryny kämilleşdirmekde artykmaçlyk gazanýar);

**6. ... Plc5-d6**
**7. f2-f4 Ae5-g6**

**8. e4-e5** (ýene-de bir «çarşak». Emma bu ýagdaýda ol tilsim däl);

**8. ... c7-c6**
**9. Plb5-c4 Pld6-c7**
**10. e5:f6 Pd8:f6**
**11. 0-0 d7-d5**
**12. Plc4:d5! c6:d5**


*47-nji diagramma*



*48-nji diagramma*

| | |
|---|---|
| **13. Ac3:d5** | **Pf6-d6** |
| **14. Pd1-e2+** | **Ag6-e7** |
| **15. Re1-f1** | **Plc7-d8** |
| **16. c2-c4** | **f7-f6** |
| **17. Plc1-d2** | **a7-a5** |
| **18. Pe2-h5+** | **g7-g6** |
| **19. c4-c5** | **Pd6-a6** |
| **20. Ph5-h6** | **Plc8-e6** |

**21. Ad5:f6+?** Utulyşa getirýän göçüm. Garalar artykmaç malyny saklamak bilen, 21. ... **Şf7** 22. **Ae4 Af5**! garşylykly hüjüm etmegi gazanýar.

## ÜZNÜKSIZ KÜŞT

Küşt oýnunda ýene-de bir gyzykly pursat, ol hem üznüksiz küşt bermekdir. Küşt tagtasynda ýagdaýynyň peselendigini gören oýunçy, iň bolmanda deňlik gözlemäniň ugruna çykýar. Üznüksiz küşt bermek hem şol ugurlaryň biridir.

Geliň, oýnuň başynda «açyp küşt» bermek bilen üznüksiz küşt bolýan ýagdaýa seredeliň:

1. **e4 e5** 2. **Af3 Ac6,** 3. **Plb5 a6** 4. **Pl: c6 d: c** 5.**0-0 Plg4** 6. **h3 h5** 7.**c3**

Eger şu ýagdaýda ak mallar pili alsalar, onda örän oňaýsyz ýagdaýa düşerler. Olaryň şasy howp astynda galar, ýagny 7. **h:g h;g** 8. **A:e5 Ph4.**

7. ...**Pd3** 8. **h:g h:g** 9. **A:e5**.

Aklar gara perziniň **h** dikligine (wertikala) göçüp bilmeýändiginden peýdalanýarlar. Emma gara mallar deňlik duzagyny gurupdyrlar.

9. ...**Pld6**!

Garalar deňlik etmek maksady bilen, perzini pida edýärler.

10. **A:d3 Plh2+** 11. **Şh1 Plg3+** 12. **Şg1 Plh2+** 13. **Şh1 Plg3+** we ş.m.

Şu ýagdaýa üznüksiz küşt bermek diýilýär we oýun deň tamamlanýar.

## OÝNUŇ BAŞYNDA ŞANYŇ ÝATMAGY

Aklar: **Şc1, Pd3, Rd1, Rh1, Pld2, Plf1, Af3, b2, c2, e4, f2, g2, h2.**

Garalar: **Şe8, Pa2, Ra8, Rh8, Plc8, Plf8,Ab8, a7,b7, c6, e6, f7, g7, h7**. Göçüm ak mallardan.

1.**Pd8+!! Ş:d8** 2. **Plg5++ Şc7** 3.**Pld8x** ýa-da 2. ... **Şe8**, onda 3. **Rd8x** (*49-njy diagramma*).



*49-njy diagramma*

## GARŞYDAŞYŇ PERZISINI «DUZAK GURUP» GABAMAK

Küşt oýnunda perzi iň esasy mal. Şonuň üçin ony oýna çykaranyňda örän seresap bolmaly. Oýna girişen perzi, köplenç, garşydaşyň ýeňil mallarynyň, pyýadalaryň urgusyndan gaçmaly bolýar. Perzini gabamaga degişli bir tilsimi göreliň:

1. **e4 e6** 2. **d4 d5** 3. **Ac3 d:e4** 4. **A:e4 Af6** 5. **A:f6+ P:f6** 6. **Af3 b6** 7. **Pld3 Plb7?** 8. **Plg5! Pl:f3** 9. **Pd2!**

Gara mallaryň perzisi gabawda galdy. Eger 9. ...**P:d4** bolsa, onda 10. **Plb5+** we aklaryň perzisi garalaryň perzisini alýar (*50-nji diagramma*).



*50-nji diagramma*

# TÜRKMEN KÜŞTÜNIŇ DÜZGÜNLERINIŇ TAPAWUTLYLYGY

Türkmenleriň küşt oýnaýyş düzgüninde pyýadalar diňe bir öýjükden öňe göçýär eken. Rokirowka (şaruh) diýen düşünje bolmandyr. Onuň ýerine Şa, Ruh birinji gorizontalda boş öýjüklere mallaryň üstünden aşyp geçip bilýär. Şeýle usul bilen Şa özüni amatly öýjükde ýerleşdirýär. Ýöne bu diňe oýunda hiç hili alşyk bolýança rugsat berilýändir. Türkmen küştünde ilkinji başlangyç iki göçümden (aklaryň we garalaryň) ybarat bolýar. «Pat» hem ýatmak ýaly utuldy hasap edilýär eken.

## ÝARYŞ GEÇIRMEGIŇ DÜRLI GÖRNÜŞLERI

Birnäçe küştçiniň ýa-da toparlaryň arasynda ýaryş geçirilende ýaryşa gatnaşýan oýunçylaryň sanyna baglylykda ýaryş dürli usullar (görnüşler) boýunça geçirilipdir.

1. *Aýlawly şahsy ýaryş usuly.*

Ýaryşyň indi bu görnüşinde, köplenç, oýunçylaryň sany 18-e çenli bolanda amatly bolýar. Şonda oýunçylaryň hemmesi özara duşuşýarlar. Oýunçylaryň oýnaýan mallarynyň reňki hem her döwde (bije atmak bilen) çalşyrylypdyr.

Aýlawly ýaryşda küştçüleriň sany azrak we mümkinçilik bar bolsa, düzgünnama esasynda aýlawly ýaryş iki, dört aýlawdan hem geçirilip bilner. Şonda 1-nji aýlawda geçirilen döwdäki mallaryň reňki oýunçylar üçin 2-nji aýlawda çalşylar we ş.m.

Aşakda mysal görnüşinde oýunçylaryň sany 17 ýa-da 18 bolanda bije esasynda duşuşyklaryň tertibi görkezilendir.

| Tapgyr | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | 1 – (18) | 2 - 17 | 3 - 16 | 4 - 15 | 5 - 14 | 6 - 13 | 7 - 12 | 8 - 11 | 9 - 10 |
| 2. | (18) - 10 | 11 - 9 | 12 - 8 | 13 - 7 | 14 - 6 | 15 - 5 | 16 - 4 | 17 - 3 | 1 - 2 |
| 3. | 2 - (18) | 3 - 1 | 4 - 17 | 5 - 16 | 6 - 15 | 7 - 14 | 8 - 13 | 9 - 12 | 10 -11 |
| 4. | (18) - 11 | 12 -10 | 13 - 9 | 14 - 8 | 15 - 7 | 16 - 6 | 17 - 5 | 1 - 4 | 2 - 3 |
| 5. | 3 - (18) | 4 - 2 | 5 – 1 | 6 - 17 | 7 - 16 | 8 - 15 | 9 - 14 | 10 - 13 | 11 - 12 |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 6. | (18) - 12 | 13 - 11 | 14 - 10 | 15 - 9 | 16 - 8 | 17 - 7 | 1 - 6 | 2 - 5 | 3 - 4 |
| 7. | 4 - (18) | 5 - 3 | 6 – 2 | 7 - 1 | 8 – 17 | 9 - 16 | 10 - 15 | 11 - 14 | 12 - 13 |
| 8. | (18) - 13 | 14 - 12 | 15 - 11 | 16 - 10 | 17 - 9 | 1 - 8 | 2 – 7 | 3 - 6 | 4 - 5 |
| 9. | 5 - (18) | 6 - 4 | 7 – 3 | 8 - 2 | 9 - 1 | 10 - 17 | 11 - 16 | 12 - 15 | 13 - 14 |
| 10. | (18) - 14 | 15 - 13 | 16 - 12 | 17 - 11 | 1 - 10 | 2 - 9 | 3 - 8 | 4 - 7 | 5 - 6 |
| 11. | 6 - (18) | 7 - 5 | 8 - 4 | 9 - 3 | 10 - 2 | 11 - 1 | 12 - 17 | 13 - 16 | 14 - 15 |
| 12. | (18) - 15 | 16 - 14 | 17 - 13 | 1 - 12 | 2 - 11 | 3 - 10 | 4 - 9 | 5 - 8 | 6 - 7 |
| 13. | 7 - (18) | 8 - 6 | 9 - 5 | 10 - 4 | 11 - 3 | 12 - 2 | 13 - 1 | 14 - 17 | 15 - 16 |
| 14. | (18) - 16 | 17 - 15 | 1 - 14 | 2 - 13 | 3 - 12 | 4 - 11 | 5 - 10 | 6 - 9 | 7 - 8 |
| 15. | 8 - (18) | 9 - 7 | 10 - 6 | 11 - 5 | 12 - 4 | 13 - 3 | 14 - 2 | 15 - 1 | 16 - 17 |
| 16. | (18) - 17 | 1 - 16 | 2 - 15 | 3 - 14 | 4 - 13 | 5 - 12 | 6 - 11 | 7 - 10 | 8 - 9 |
| 17. | 9 - (18) | 10 - 8 | 11 - 7 | 12 - 6 | 13 - 5 | 14 - 4 | 15 - 3 | 16 - 2 | 17 - 1 |

Eger-de oýunçylaryň sany täk bolsa, ýagny mysalda 17, onda 18 belgili bilen oýnaýan oýunçy dynç alýar. Mysal üçin, 10-njy tapgyrda 14-nji belgili oýunçy dynç alýar.

2. *Şweýsar usuly.*

Bu usul, köplenç, ýaryşa gatnaşýan oýunçylaryň sany köp bolanda, ýagny 20 we ondan köp küştçi ýaryşa gatnaşanda ulanylýar. Onuň maksady az wagtyň içinde köp duşuşyk geçirip, ýeňijileri mälim etmek.

Bu usulda her tapgyrdan soň, utuk (oçko) sanlary deň ýa-da deňeçerräk oýunçylaryň arasynda aýratyn bije atmak arkaly duşuşyklar kesgitlenýär. Bu usulda, köplenç, 7, 9, 11, 13 tapgyr geçirilýär. Şonda oýunçylaryň her haýsysynyň şahsy ýaryş kagyzy bolmaly.

Elbetde küştçüleriň aýlawly ýaryş usulynda bolşy ýaly, hemme oýunçylar özara duşuşyp bilmeýär. Ýöne geçirilen tapgyrlar hem güýçlüleri saýlap bilýär.

Bu geçirilýän ýaryş usullarynyň ikisiniň hem artykmaçlygy we kemçiligi bar. Şonuň üçin islendik usulda geçirilýän ýaryşyň özboluşly häsiýeti bolýar. Aýlawly ýaryşda az küştçi çykyş edip, ýaryş uzaga çekilip bilýär. Bu bolsa, elmydama amatly bolup durmaýar. Artykmaçlygy ýaryşa gatnaşýan türgenleriň ählisi özara duşuşýar.

Şweýsar usulynda bolsa köp oýunçynyň gatnaşmagyny gazanyp bolýar. Ýöne onuň ýetmezçiligi ökde oýunçylaryň, hatda özara duşuşman galýan wagty hem bolýar. Az-owlak tötänlige ýol berilýär.

Toparlaýyn ýaryşda her toparyň hatarynda birnäçe oýunçy çykyş edýär. Şonda şahsy ýaryşlarda bolşy ýaly, usullar toparlaýyn geçirilýän ýaryşlarda hem ulanylýar.

Ondan başga-da toparlaýyn ýaryşlarda şeweningen usuly hem käwagt gabat gelýär. Bu ýaryş topardaky çykyş edýän küştçüler yzygider beýleki toparyň oýunçylarynyň hemmesi bilen duşuşýarlar. Aýlawly toparlaýyn ýaryş usulynda bolsa, toparyň 1-nji tagtasy, 2-nji tagtasy, 3-nji tagtasy we ş.m. beýleki toparyň diňe degişli tagtalarynda çykyş edýän küştçüler bilen duşuşyp oýnamaly bolýarlar.

Ýaryşlaryň geçiriliş düzgünnamasy guramaçylar tarapyndan düzülýär we öňünden mälim edilýär.

## KÜŞT SAGADY

Küşt oýny iki oýunçynyň arasynda bolýar. Gezekme-gezek edilýän göçümlerde, elbetde pikir etmek, göçümleriň içinden iň oňatlaryny saýlap almak zerurdyr. Edilýän göçümlere oýnuň çylşyrymly döwründe ep-esli wagt sarp etmeli bolýar. Dogrusy, görnüp duran göçümlere az wagt sarp edilýär.

Gadym döwürlerde oýunçylaryň pikir etmekleri üçin bellibir şertler goýlup oýnalypdyr. Ýöne bu diňe soňky asyrlarda kämilleşdi. Bu küştçüleriň özlerine bagly bolup, ozallar göçümleri islän wagty edýär ekenler. Bu bolsa ýaryşyň kesgitli wagtda tamamlanmagyna päsgel berýärdi. Şeýle ýagdaýyň garşysyna göreşilmek bilen oýunçylaryň her haýsysyna kesgitli wagt bermeli diýlen netijä gelindi. Häzir küşt sagatlary iň bir kämil ýagdaýyna geldi. Sagatlar, elektronikanyň durmuşa düýpli ornaşandygy sebäpli, küşt sagadyna hem oňaýly täsirini ýetirdi. Indi ýaryşyň düzgünnamasy esasynda nusgawy, çalt we çalasyn oýunlar üçin wagt goýulýar. Nusgawy oýunlarda her bir oýunça 1 sagat we ondan hem köp wagt berilýär. Çalt oýnalanda köplenç 5 minutdan 30 minut aralygynda wagt berilýär.

Çalasyn oýun üçin her bir oýunça 5 minutdan az wagt sarp etmek rugsat berilýär.

### Küşt sagatlarynyň görnüşleri we olaryň ulanylyşy

Küşt sagatlary, esasan, iki hili bolýar.
1. Mehaniki küşt sagady.
2. Elektron küşt sagady.
Şeýle sagatlar diňe küşt oýnuna niýetlenen bolýar.

1. *Mehaniki küşt sagady*.

Bu küşt sagady ak mallar we gara mallar bilen oýnaýan küştçüleriň sarp edýän wagtyny görkezýär. Sagatlaryň ikisi-de adaty sagatlardan tapawutlanýar, her sagadyň üstünde basylýan düwmesi bolýar we 12 sanyň üstünde gyzyl reňkli ýukajyk baýdajygyň şekili asylyp goýulýar. Haçan-da, oýunçy göçüm edende öz tarapynyň düwmesini basýar. Şondan soň onuň sagady togtaýar, garşydaşynyň sagadynyň düwmesi ýokary galýar we ol işläp ugraýar. Ol küştçi hem göçüm edenden soň şeýle hereketi gaýtalaýar we onuň sagady togtaýar hem-de garşydaşynyň göçüm gezegi bolup, onuň sagady işläp başlaýar. Ine, bu oýnuň bütin dowamynda gaýtalanýar.

Elbetde, oýun sagada bagly bolman hem tamamlanyp biler. Ýöne, eger oýun dowamly bolsa, sagadyň görkezmesi güýje girip bilýär. Haçan-da oýunçy göçümleriň sany kesgitli (köplenç, düzgünnama esasynda 40 göçüme) ýa-da düýpgöter göçer sany kesgitsiz bolanda ýetişmän, uly sagat dili baýdajygy ýokaryk galdyryp, ony «ýyksa», onda onuň utuldygy bolýar. Bu ýerde bir düzediş girizmeli. Şeýle ýagdaýda garşydaşy özüniň küşt tagtasynda galan mallary bilen utup bilýändigini subut etmelidir. Tersine bolan ýagdaýda, oýun deňmedeň tamamlandy diýilýär. Ine, bu ýagdaý hem deňligiň bir görnüşidir.

2. *Elektron küşt sagady*.

Häzirki zamanda ulanylýan küşt sagatlary elektron sagatlary bolup, olardan «Fişeriň» sagady adyny alan sagatlar ýaryşlarda köp ulanylýar.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň raýaty Robert Jeýms Fişer dünýäniň 11-nji çempiony bolan küştçüdir. Onuň teklibi boýunça geçen asyryň ahyrlarynda sagatlarda oýunçylara berilýän wagta özgertme girizildi. Ol oýnuň ilkinji göçümlerinden her göçüme 30 sekunt, çalt we çalasyn oýnamaklyga bolsa ondan hem az wagty

goşmagy maslahat berdi. Beýle etmegiň esasy sebäbini oýunçylaryň az wagtda örän tolgunyp ýalňyşlyga, kähalatlarda bolsa gödek ýalňyşlyklara ýol berýändikleri, oýnuň hiliniň pese gaçýandygy, her hili oýna bagly bolmadyk ýagaýlaryň ýüze çykýandygy bilen düşündirilýär. «Fişeriň sagadynda» beýle ýagdaýlar örän azaldylýar. «Baýdajygyň» gaçyp, utulmak bolsa her bir duşuşykda örän ujypsyz bolýar.

Mysal üçin, oýunçy baýdajygynyň ýatmagyna sanlyja sekuntlar galan bolsa (ony elektron sagady görkezip dur), onda bir göçüm edäýen ýagdaýynda oňa ozalky galanja sekundynyň üstüne 30 sekunt goşulýar we göçüm gezegi garşydaşyna geçýär. Oýunça az-kem özüni dürsemäge wagt bolýar. Eger-de göçümler has ýaýbaňlansa, onda wagt hem yzygiderli 30 sekundyň goşulmagy bilen köpelip bilýär we birnäçe minutlara ýetýär.

Umuman, oýunda wagt çäklendirmek bilen oýnuň hiline uly täsirini ýetirmezlik üçin bu sagatlar amatlydyr.

## MESELELER

Diagrammalaryň gapdalyndaky bellikler ▼, △ oýunda haýsy tarapyň göçüp başlaýandygyny aňladýar.

***Ruh***

1


2


3


4


5


6


7



8



9



10



11



12



13



14



15



16



17



18



*Pil*

1



2



3



4



5



6



*Perzi*

1


2


3


4


5


6


7



8



9



10



11



12



13



14



15



16



17



18



***At***

1



2



3



4



5



6



7



8



9



10



11



12



*Pyýada*

1



2



3



4



5



6



## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I tom. Aşgabat, 2008.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer. Aşgabat, 2011.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet guşy. Aşgabat, 2013.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. Aşgabat, 2014.

7. *Panow W.* Öwrenjeler üçin küşt, 1955.

## MAZMUNY


Giriş . . . . . . . . 7

Küşt oýnunyň taryhy . . . . . . . . 10

Küşt tagtasy . . . . . . . . 12

Küşt tagtasynda küşt mallarynyň ýerleşişi we atlary . . . . . . . . 13

Küşt oýnunyň esasy maksady we düzgünleri . . . . . . . . 13

Küşt mallarynyň göçümleri . . . . . . . . 14

Garşydaşyň malyny almak . . . . . . . . 17

«Küşt» bermek. Ýatyrmak. Pat . . . . . . . . 18

Şaruh (rakirowka) . . . . . . . . 21

Küşt mallarynyň we pyýadalarynyň güýçlerini özara deňeşdirmek . . . . 23

«Goşa küşt», «açyp (serpip) küşt bermek» . . . . . . . . 24

Küşt oýnunda şany ýatyrmaga degişli mysallar . . . . . . . . 25

Küşt oýnunda garşydaşlaryň özara döwüniň ýazgysy,
şertli belgiler we käbir sözlükler . . . . . . . . 26

Küşt mallarynyň belgisi . . . . . . . . 26

Küşt oýnunda deň hasap edilýän ýagdaýlar . . . . . . . . 28

Pyýadanyn soňky keseligine çykmagy . . . . . . . . 28

Oýny nähili başlamaly? . . . . . . . . 30

Pyýada oýny bilen bagly böwüsme . . . . . . . . 30

Tilsimler . . . . . . . . 31

Tilsim nazaryýeti. Mahsus ideýalar. . . . . . . . . 36

Goşa urgy. Pyýada urgulary. . . . . . . . . 37

Üznüksiz küşt . . . . . . . . 44

Oýnuň başynda şanyň ýatmagy . . . . . . . . 45

Garşydaşyň perzisini «duzak gurup» gabamak . . . . . . . . 45

Türkmen küştüniň düzgünleriniň tapawutlylygy . . . . . . . . 46

Ýaryş geçirmegiň dürli görnüşleri . . . . . . . . 46

Küşt sagady . . . . . . . . . . 48
Meseleler . . . . . . . . . . 51
Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . 61

*Amanmyrat Kakageldiýew*

# KÜŞT

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

| | |
|---|---|
| Redaktor | *H. Sapargulyýew* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *M. Atabaýewa* |
| Kompýuter bezegi | *L. Çudina* |
| Neşir üçin jogapkär | *Ş. Myratgulyýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 04. 12. 2017. Ölçegi 60x90 $^1/_{16}$.
Şertli çap listi 4,0. Şertli reňkli ottiski 16,25. Hasap-neşir listi 3,31.
Çap listi 4,0. Sargyt № 2577. Sany 2 250.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.